# Wah, bir dillensedi-dä, mazarda ulalmaga garaşyp ýatan çagajyklar!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Wah, bir dillensedi-dä, mazarda ulalmaga garaşyp ýatan çagajyklar! WAH, BIR DILLENSEDI-DÄ, MAZARDA ULALMAGA GARAŞYP ÝATAN ÇAGAJYKLAR!




Düýn täze okuw ýyly başlandy. Gynansak-da, ady kibi Narin ýürekli balajyk mekdepde däl-de, sowuk mazarda bolar. Ýagny, bu dünýäde her çaga ýaly Narinem gözýaşlara gark bolup soňky ýoluna ugradylar we bu dünýä ýaly bolmasa-da, şol sowuk mazaryň garaňkylygyna duwlanar.
Diňe bir hakykat bolan şu zat bar: gara ýere gömlen diňe Narin däl, gitdigiçe çüýräp barýan bu jemgyýetiň doňnaradaşlaşan wyždany, bozulan ahlagy, ýok bolan merhemeti hem onuň bilen

bile gömüldi.
Hawa, bu dünýä ol bigünä çagajygyň jaýlanan mazaryndan has beter garaňky we has beter sowuk. Şonuň üçin bu ýerde dem almak ol ýerde demsiz galmakdan agyr ýaly.
Iki gyzyň kakasy bolanym üçin bu ajy hakykatyň pikirini etdigimçe ýüregim hopukýar, demim daralýar, özümi döz gelip bolmajak utanjyň harabasynyň aşagyndan tapýaryn.
Şonsuzam uzak wagt bäri edil häzirkim ýaly Gazada öldürilýän çagalaryň pikirini etmekden ýaňa gijelerine uklap bilemokdym…
Bu porsusy çykan masgara-gülban dünýäde her bir başga bir çagajygyň parçalanan bedenini görmek we olaryň boşlukda doňup galan günäsizje gözlerini synlamak ruhumy bogýar.
Bütin bu yzaly pikirleriň içinde gezip ýörenim az ýaly Nariniň pikiri-de meni bütinleý ýan berdirdi.
Ah, Narin! Wah, meniň garamaňlaý guşjagazym!
Merhemetsizligiň guýusy nähili garaňky we çuň…
Wah, meniň guzujygym…
Narinjan, nädip dözdüler saňa? Bular ýaly wagşyýanalygy naşyja teniňe rowa görensoň nädip aýlanyp dur bu binamys dünýäniň çarhy?
Ýüregini ýitiren bu eýýamda aklymdan azaşaryn öýdüp gorkýaryn indi.
Çagalarymyzy gorap bilmeýän bolsak!
Aýal-gyzlarymyzy gorap bilmeýän bolsak!
Bigünälerimizi gorap bilmeýän bolsak!
Mazlumlarymyzy gorap bilmeýän bolsak!
Garrylarymyza howandar bolup bilmeýän bolsak!
Garyp-gasarlarymyzyň arkasynda durup, goldap bilmeýän bolsak!
Haýwanlarymyzy, ýerimizi gorap bilmeýän bolsak!
Agaçlarymyzy, tebigatymyzy gorap bilmeýän bolsak! (Gorabam bilemzok-da!)
Men hakykatdanam bular ýaly GORAGSYZLYKDAN gaty erbet irdim.
Şonuň üçin her birimizden soraýaryn: NÄMÜÇIN gorap bilemzok?
Olar ÖLMÄNKÄ we NÄMÜÇIN bu wagşyýana erbetligiň gollarynda çyrpynýar munça bigünä beden?
Ibrahim ALTUN,
«Pencere» žurnalynyň baş redaktory / @ibrahimaltun_official

Sişenbe, 10.09.2024 ý. Publisistika